# Abu Aly ibn Sinanyñ nesihatlary

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Abu Aly ibn Sinanyñ nesihatlary ABU ALY IBN SINANYŇ (LUKMAN HEKIMIŇ) ÖZ PERZENDINE BEREN NESIHATLARYNDAN

**(A.Hudaýberdiýewiň «Ogluma wesýetlerim» diýen kitapçasyndan alyndy)**

1. Eý perzendim, beýik we gudratly Ýaradany tana.

2. Kime pent-nesihat etseň, oňa özüň amal etgin.

3. Söz sözläniňde, öz mertebäňi sakla.

4. Adamlaryň gadyryny bil, olara edepsizlik bilen çemeleşme.

5. Hemmäniň hak-hukugynyň birdigini ýadyňdan çykarma.

6. Syr saklamagy öwren.

7. Dostuňy kyn günde syna.

8. Dosty peýda we zyýanda barlap gör.

9. Ýaramaz we nadan adamlardan gaç.

10. Dana we duýgur dostuňy tana.

11. Ýagşy işe ykjam ýapyş.

12. Aýala gaty ynanma.

13. Ak ýürekli we dana adamlar bilen maslahat et.

14. Sözi dem bilen (sojap) gepleme.

15. Ýaşlygy ganymat bil.

16. Ýaş wagtyň iki dünýäniň işlerini berjaý etmäge çalyş. .

17. Dost-ýarlaryňy eziz gör.

18. Dost-duşmana ýüzüň açyk tut.

19. Ata-enäniň gadyryny bil.

20. Ussadyňy atańdan hem eziz gör, hormatla.
21. Girdejiňe görä, harajat et.

22. Ähli işde çykalga ýol goý.

23. Hoşamaýlygy özüňe şygar edin.

24. Myhmana hyzmaty dessura görä et.

25. Biriniň öýüne barsaň, gözüňe, diliňe berk bol.

26. Egin-eşigiňi we bedeniňi arassa sakla.

27. Jemagat bilen dertdeş bol.

28. Perzendiňe ylym, edep öwret.

29. Ýagdaýyň ýetirse, perzendiňe çapyksuwarlygy we mergenligi öwret.

30. Ädik we köwüş geýmegi sag aýakdan başla, çykarmagy bolsa çep aýakdan.

31. Biri bilen baş goşsaň, şonuň özüne göräräk bolmaga çalyş.

32. Gije gepleseň, ýuwaş we mylaýym geple, gündiz gepleseň, töwereginňe tarap, seresap bolup geple.

33. Az sözlemegi, az iýmegi, az uklamagy öwren.

34. Özüňe mynasyp görmedik işiňi başgalara hem rowa görme.

35. Okaman ussatlyk etme.

36. Aýala we çaga syr berme.

37. Bir işe baş goşmazdan ozal ýagşy oýlanyp, onuň çäresi bilen bol.

38. Öz çöregiňi başgalardan tama etme, özüň tapyp iý.

39. Zanny bozuklardan wepalylyga garaşma.

40. Adamyň bedenindäki üç ýüz altmyş damaryň biri erbet damardyr. Hemme işde endişesiz bolma.

41. Edilmedik işi edilen hasaplama.

42. Bu günki işi ertä goýma.

43. Özüňden uly bilen degişme.

44. Özüňden ulynyň ýanynda az sözle.

45. Sowatsyz adamlara ýaman görünmezligi öwren.

46. Saňa mätäç adamlary umytsyz gaýtarma.

47. Geçen dawany ýatlama.

48. Adamlaryň ýagşylygyny öz ýagşylygyň bilen garyşdyrma.

49. Baýlygyň mukdaryny dost-duşmana bildirme.

50. Garyndaşyňy garyndan aýyrma.

51. Päkize kişileriň gybatyny etmekden saklan.
52. Hemme zady özüm oňarýandyryn diýip pikir etme.

53. Köpçülik ýerinden tursa, senem oňa eýer.

54. Köpçülikde barmaklaryňy agzyňa we burnuňa degirme.

55. Adamlaryň öňünde dişiňi çokama.

56. Gakylygyňy, sümügiňi islendik wagty hemme ýerde dökme.

57. Pallanyňda eliňi agzyňa goý.

58. Adamlara garap gerinme.

59. Manyly we mamla sözi degişmä salma.

60. Birini adamlar arasynda utandyrma.

61. Gözüňi-gaşyňy ümläp, şugulçylyk etme.

62. Bir gezek aýdan sözüňi gaýtalap aýtma.

63. Özüňi we aýalyňy adamlaryň arasynda magtama.

64. Özüňi zenanlar ýaly bezeme.

65. Çagalaryň hemme islegini kanagatlandyrjak bolup durma.

66. Ýaman sözlerden diliňi sakla.

67. Sözlän mahalyň elleriňi hereketlendirme.

68. Hemmäniň hormatyny sakla, hiç kimi kemsitme.

69. Biweç kişiler bilen syrdaş bolma.

70. Ölenleri ýagşylykda ýatla.

71. Alajy bolsa, biri bilen uruşma, öçli bolma.

72. Biriniň güýç-gudratyny synlaýjy bolma.

73. Beýik adamlaryň ýagşylygyny ýagşylykda ýatla, guman ediji bolma.

74. Öz nanyňy başgalaryň saçagynda iýme.

75. Işde howlukmaçlyk etme.

76. Mal-baýlyk edinerin diýip, özüňi howatyrly ýagdaýlara salma.

77. Her kim özüňi tanamasa-da, sen ony tanajak bol.

78. Gaharyň gelende sözi saýlap geple.

79. Egniňdäki eşigiň bilen burnuňy arassalama.

80. Gün dogýança ýatma.

81. Adamlaryň ýanynda ýeke iýme.

82. Ýaşulularyň öňünden ýöreme.

83. Bir kişi sözlände, sözüni bölme.

84. Başyňy aşak egip oturma.

85. Nähili ýagdaý bolanda-da, köçede iki-baka alakjap ýörme.

86. Alajyny tapsaň, ýalaňaç ulaga münme.

87. Öýde myhman bar wagty hiç kime gaharlanma.

88. Myhmana iş buýurma.

89. Diwana bilen we serhoş bolup sözleşme.

90. Köçede bibaşlar we bikärler bilen oturma.

91. Peýdadyr zyýana özüňi urup, abraýyny dökme.

92. Men-menlik satma, tekepbir bolma.

93. Adamlaryň saňa duşmanlyk etmeklerinden goranjak bol.

94. Uruş we gybatdan gaçyjy bol.

95. Pygansyz, ýüzüksiz we pulsyz bolma.

96. Özüňi öte har etmezlige çalyş.

97. Ýönekeý we kiçi göwün bol.

98. Erbetlik ýüze çykan jaýdan uzaklaş.

99. Ýaltalar bilen gepleşme.

100. Gopbamsylara habar gatma.

101. Kişiler bilen bir tabakdan nahar iýseň, zynhar, özgeleriň öňünden alyp iýme.

102. Her kime köňül goýma.

103. Özüň öwrenmezden, özgelere öwretme.

104. Masgara edýän sözleri aýtmazlyga çalyş.

105. Işsizlerden iş hakda sorama.

106. Myhmany hormatyna mynasyp röwüşde kabul et.

107. Derdiňe görä çykdajy çykar.

108. Eliň hünärini anykla.

109. Başga kişileriň bitiren ýagşy işlerini özümiňki diýip görkezme.

110. Halkyňa hyzmat etmek, ýaşlara rehimdarlyk, derwüşlere sahawat, dost-ýarlara nesihat, adamlara hormat etmek, duşmanlara ýumşaklyk, jalaýlara söz gatmazlyk niýeti bilen ýaşa.

Toplan: Soltanşa ATANYÝAZOW. Sözler